# Nowaýynyñ ýubileýinde ýazylan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nowaýynyñ ýubileýinde ýazylan goşgy NOWAÝYNYŇ ÝUBILEÝINDE ÝAZYLAN GOŞGY

Samarkant toý geýmin geýindi bu gün,
Şäher şagalaňam başlandy has ir.
Gyrata däl, aerostata atlanyp,
Seýrana çykdy, gör, beyik Alyşir.

Asmana çykdy, gör, beýik Alyşir,
Zyňyp asyrlaryň agyr labyryn.
Eger ol ýetişip bilsedi, häzir
Guçardy bagtyýar nesliniň baryn.

Şeýle dabaraly, şadyýan günde
Heý saklap bilermi ýürek joşmasyn?

Serediň,
asmanda,
belent asmanda
Ýazýar ol özüniň täze goşgusyn.

Ol goşgy diňe bir öz halkyna däl,
Düşnükli alysdan gelenlere-de:
«…Hossara mätäç däl diňe diriler,
Howandar gerekdir ölenlere-de…»

Italmaz NURYÝEW. Goşgular